# «Gel, gülüm, kalbyma seýle gideli…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 25 января, 2025
"Gel, gülüm, kalbyma seýle gideli…" «GEL, GÜLÜM, KALBYMA SEÝLE GIDELI…»

Gel,gülüm, kalbyma seýle gideli,
Seretmän ýollaryň beýik-pesine.
Söýgimiň sazyny eşdesiň gelse,
Diň sal, urýan ýüregimiň sesine.

Ýüzüň dolan Aý deý saçanda ýalkym,
Görküňden utanar yşkyň jemaly.
Uzat sen ellerňi, solmasyn güllem,
Sypasyn saçlarňy bagtyň şemaly.

Seniň näziň doň garlary ereder,
Bagtdyr näziň çekmek aşyk ýigide.
(Bagtly adamlara üýtgeşik görner,
Gyşlaryň sowulyp, ýaz gelmegi-de).

Ynan, gülüm, gitmez yşkymyz mundan.
Söýgimiziň sazyn çalar gijeler.
Ýaradan ýalkasa, şeýle bolýandyr,
Şowly çyksa, ýazgytdaky bijeler.

Nury SAKÇYÝEW. Goşgular